Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministriniň
2024-nji ýylyň 19-njy noýabrynda çykaran 285-ö belgili
**B U Ý R U G Y**

**«Atmosfera howasyna hapalaýjy maddalaryň zyňyndylaryna rugsatnamanyň berilmeginiň Tertibini tassyklamak hakynda»**

2016-njy ýylyň 26-njy martynda kabul edilen “Atmosfera howasyny goramak hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 7-nji maddasynyň 6-njy bendiniň we 28-nji maddasynyň ikinji böleginiň talaplaryny ýerine ýetirmek maksady bilen, **buýurýaryn:**

1. Atmosfera howasyna hapalaýjy maddalaryň zyňyndylaryna rugsatnamanyň berilmeginiň Tertibini tassyklamaly (goşulýar).
2. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine ministriniň orunbasary gözegçilik etmeli.

**Ministr** **Ç.Babanyýazow**

Türkmenistanyň Daşky gurşawy
goramak ministriniň
2024-nji ýylyň 19-njy noýabrynda
çykaran 285-ö belgili buýrugy bilen
tassyklanyldy

## Atmosfera howasyna hapalaýjy maddalaryň zyňyndylaryna rugsatnamanyň berilmeginiň tertibi

### I bap. Umumy düzgünler

1. Şu Atmosfera howasyna hapalaýjy maddalaryň zyňyndylaryna rugsatnamanyň berilmeginiň tertibi (mundan beýläk - Tertip) «Atmosfera howasyny goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 7-nji maddasynyň 6-njy bendine we 28-nji maddasynyň ikinji bölegine laýyklykda işlenip taýýarlanyldy we Türkmenistanyň çäginde atmosfera howasyna hapalaýjy maddalaryň zyňyndylaryna rugsatnamanyň (mundan beýläk – Rugsatnama, şu Tertibe 1-nji goşundy) berilmeginiň, görkezilen rugsatnama üýtgetmeleriň we (ýa-da) goşmaçalaryň girizilmeginiň, rugsatnamanyň hereketiniň togtadylmagynyň, dikeldilmeginiň we hereket ediş möhletiniň uzaldylmagynyň, onuň hereketiniň bes edilmeginiň tertibini kesgitleýär.

2. Şu Tertipde «Atmosfera howasyny goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda göz öňünde tutulan düşünjeler ulanylýar.

3. Rugsatnama bermek Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi (mundan beýläk - Ygtyýarly edara) tarapyndan amala aşyrylýar.

4. Atmosfera howasyna hapalaýjy maddalaryň zyňyndylary bilen bagly hojalyk we beýleki işi amala aşyrýan ýuridik we fiziki şahslara rugsatnama bermegiň maksady - atmosfera howasyna hapalaýjy maddalaryň zyňyndylarynyň çeşmeleri tarapyndan atmosfera howasyna zyňyndylarynyň hasabyny alyp barmak, şeýle hem kadalaşdyrmak we gözegçiligi amala aşyrmakdan ybaratdyr.

5. Atmosfera howasyna hapalaýjy maddalaryň zyňyndylary bilen bagly hojalyk we beýleki işi amala aşyrýan ýuridik we fiziki şahslar tarapyndan atmosfera howasyna hapalaýjy maddalaryň zyňyndylarynyň stasionar çeşmeleriniň ulanylmagyna diňe Ygtyýarly edara tarapyndan berilýän rugsatnamanyň bar bolan mahalynda ýol berilýär.

6. Atmosfera howasyna hapalaýjy maddalaryň zyňyndylary bilen bagly hojalyk we beýleki işi amala aşyrýan ýuridik we fiziki şahslar tarapyndan şu Tertibiň talaplarynyň ýerine ýetirilmegi hökmanydyr.

### II bap. Rugsatnama bermegiň tertibi

7. Atmosfera howasyna hapalaýjy maddalaryň zyňyndylary bilen bagly hojalyk we beýleki işi amala aşyrýan ýuridik we fiziki şahslar (mundan beýläk - ýüz tutujy) Ygtyýarly edara hapalaýjy çeşmelerden çykýan zyýanly maddalaryň atmosfera goýberilmegine rugsatnama almak barada arza (mundan beýläk – Arza, şu Tertibe 2-nji goşundy) bilen resmi ýüz tutýarlar we arzasynyň ýany bilen şu aşakdaky resminamalary tabşyrýarlar:

1) ýuridik şahslar üçin:

a) döwlet tarapyndan bellige almak hem-de Türkmenistanyň ýuridik şahslarynyň ýeke-täk döwlet sanawyna girizmek baradaky şahadatnamanyň nusgasy;

b) Türkmenistanyň ýuridik şahslarynyň ýeke-täk döwlet sanawyndan göçürmäniň nusgasy;

ç) atmosfera howasyna hapalaýjy maddalaryň zyňyndylary bilen bagly hojalyk we beýleki işi amala aşyrýan degişli kärhanasynyň ýerleşýän ýeri baradaky maglumat;

d) atmosfera howasyna hapalaýjy maddalaryň zyňyndylarynyň bellenilen kadalaryna çenli azaltmak boýunça görülýän çäreleriň meýilnamasy;

2) fiziki şahslar üçin:

a) şahsyýetini tassyklaýan resminamanyň nusgasy;

b) atmosfera howasyna hapalaýjy maddalaryň zyňyndylary bilen bagly hojalyk we beýleki işi amala aşyrýan degişli kärhanasynyň ýerleşýän ýeri baradaky maglumat;

ç) atmosfera howasyna hapalaýjy maddalaryň zyňyndylarynyň bellenilen kadalaryna çenli tapgyrlaýyn azaltmak boýunça görülýän çäreleriň meýilnamasy.

Atmosfera howasyna hapalaýjy maddalaryň zyňyndylarynyň aňryçäk ýol berilýän kadalary Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2009-njy ýylyň 19-njy iýunynda 489 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, “Senagat kärhanalaryny taslamaklygyň arassaçylyk kadalary” atly TGK 2.09.04-09 belgili Türkmenistanyň gurluşyk kadalaryny tassyklamak hakynda” Türkmenistanyň Gurluşyk ministrliginiň 2009-njy ýylyň 11-nji maýynda çykaran № MB-94 buýrugy bilen tassyklanylan TGK 2.09.04-09 «Senagat kärhanalaryny taslamaklygyň arassaçylyk kadalaryna» laýyklykda kesgitlenilýär.

8. Arzanyň bir nusgasy arzanyň we onuň ýanyna goşulan resminamalaryň kabul edilen wagtyny görkezilip, gol çekilip, ýüz tutuja berilýär.

9. Ygtyýarly edara ýüz tutujynyň rugsatnama almak üçin beren arzasyna we onuň ýanyna goşulan resminamalara arzanyň berlen gününden başlap, 30 (otuz) iş gününiň dowamynda seredýär we seljerýär. Rugsatnamany bermek ýa-da Rugsatnama bermekden ýüz döndermek barada çözgüt çykarýar.

10. Ýüz tutujynyň arzasynyň ýanyna goşulan resminamalar boýunça goşmaça maglumatlary anyklamak zerurlygy ýüze çykan mahalynda, arza seretmegiň möhleti 45 (kyrk bäş) iş gününe çenli uzaldylyp bilner.

11. Ýüz tutujynyň arzasy boýunça oňyn çözgüt kabul edilen gününden başlap, Ygtyýarly edara 3 (üç) iş gününiň dowamynda oňa hat üsti bilen resmi habar berýär. Rugsatnamada atmosfera goýberilmäge rugsat berlen zyýanly maddalaryň sanawy we mukdary görkezilýär. Rugsatnama her bir kärhana boýunça tutuşlygyna berilýär.

12. Rugsatnama 1 (bir) ýyl möhlet bilen berilýär. Rugsatnama Ygtyýarly edara tarapyndan 1 (bir) asyl nusgada resmileşdirilýär we onuň möhüri bilen tassyklanýar. Rugsatnamanyň 1 (bir) nusgasy Ygtyýarly edarada kanunçylykda bellenilen möhletiň dowamynda saklanýar. Rugsatnamanyň asyl nusgasy ýüz tutuja berilýär. Ýüz tutujynyň rugsatnamanyň talaplaryny berjaý edýändigini gözegçilikde saklamak üçin barlag geçirip durmak üçin Rugsatnamanyň 1 (bir) nusgasy Ygtyýarly edaranyň Daşky gurşawy goramak boýunça degişli welaýat, Aşgabat we Arkadag şäher müdirliklerine berilýär.

13. Rugsatnamany bermekden ýüz döndermäge aşakdakylar esas bolup bilýär:

1) ýüz tutujynyň Rugsatnama almak üçin beren resminamalary doly bolmadyk mahalynda;

2) ýüz tutujynyň atmosfera howasyna hapalaýjy maddalaryň zyňyndylarynyň bellenen kadalaryna çenli tapgyrlaýyn azaltmak boýunça meýilnamasynyň ýerine ýetirilmezligi;

3) ýüz tutujynyň Rugsatnama almak üçin beren resminamalaryndaky maglumatyň takyk däldigi ýa-da ýoýulandygy.

14. Ýüz tutuja Rugsatnamanyň berilmeginden ýüz dönderilen ýagdaýynda, oňa 3 (üç) iş gününiň dowamynda bu barada hat üsti bilen resmi habar berilýär we ýüz döndermegiň sebäpleri düşündirilýär hem-de olary aradan aýyrmak üçin 10 (on) gün möhlet berilýär. Şol möhletiň dowamynda ýüz tutujy görkezilen kemçilikleri düzedip, resminamalaryny gaýtadan tabşyryp bilýär.

15. Rugsatnama bermekden ýüz dönderilmegine 2017-nji ýylyň 3-nji iýunynda kabul edilen «Administratiw önümçiligi hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda şikaýat edilip bilner.

16. Ygtyýarly edara berlen Rugsatnamalary hasaba alyş kitabyny (şu Tertibe 3-nji goşundy) ýöredýär. Rugsatnamalary hasaba alyş kitabynda şu aşakdaky maglumatlar görkezilýär:

1) Rugsatnamanyň berlen senesi;

2) Rugsatnamany alan şahsyň doly ady;

3) Rugsatnamany alan şahsyň salgysy;

4) Rugsatnamanyň belgisi;

5) Rugsatnamany bermek üçin esas;

6) Rugsatnamanyň hereket ediş möhleti;

7) Rugsatnamany alan şahsyň goly.

17. Ygtyýarly edara Rugsatnama bermekden ýüz döndermek baradaky çözgütleri hasaba alyş kitabyny (şu Tertibe 4-nji goşundy) ýöredýär. Rugsatnama bermekden ýüz döndermek baradaky çözgütleri hasaba alyş kitabynda şu aşakdaky maglumatlar görkezilýär:

1) Rugsatnamany bermekden ýüz döndermek baradaky çözgüdiň berlen senesi;

2) Rugsatnamany bermekden ýüz döndermek baradaky çözgüdi alan şahsyň doly ady;

3) Rugsatnamany bermekden ýüz döndermek baradaky çözgüdi alan şahsyň salgysy;

4) Rugsatnamany bermekden ýüz döndermek baradaky çözgüdiň belgisi;

5) Rugsatnamany bermekden ýüz döndermek baradaky çözgüdiň esasy;

6) Rugsatnamany bermekden ýüz döndermek baradaky çözgüdi alan şahsyň goly.

18. Ygtyýarly edaranyň ýolbaşçysynyň buýrugy esasynda Rugsatnamalary hasaba alyş kitabyny we Rugsatnama bermekden ýüz döndermek baradaky çözgütleri hasaba alyş kitabyny ýöredýän jogapkär hünärmen bellenilýär.

19. Rugsatnamalary hasaba alyş kitabynyň we Rugsatnama bermekden ýüz döndermek baradaky çözgütleri hasaba alyş kitabynyň sahypalary belgilenen, dikilen görnüşde bolup, onuň soňky sahypasynda kitabyň näçe sahypadan ybaratdygy barada bellik edilip, Ygtyýarly edaranyň ýolbaşçysynyň goly we möhüri bilen tassyklanan bolmalydyr.

## III bap. Rugsatnama üýtgetmeleri we (ýa-da) goşmaçalary girizmegiň, rugsatnamanyň hereketiniň togtadylmagynyň, dikeldilmeginiň we hereket ediş möhletiniň uzaldylmagynyň, onuň hereketiniň bes edilmeginiň tertibi

20. Rugsatnamanyň mazmunynda nätakyklyklar, harp we söz ýalňyşlyklary bolan mahalynda, ýüz tutujynyň arzasy esasynda 3 (üç) iş gününiň dowamynda Ygtyýarly edara tarapyndan oňa üýtgetmeleriň we (ýa-da) goşmaçalaryň girizilmegine we nätakyklyklaryň we ýalňyşlyklaryň düzedilmegine ýol berilýär. Şeýle halatda Rugsatnama gaýtadan resmileşdirilip berilýär.

21. Şu aşakdakylar Rugsatnamanyň hereketiniň möhletini togtatmak üçin esas bolup durýar:

1) ölçeg ýalňyşlygyny göz öňünde tutup, atmosfera howasyna hapalaýjy maddalaryň zyňyndylarynyň hakyky goýberilişiň kadadan artykmaçlygy;

2) kärhananyň çäginde hapalaýjy maddalaryň zyňyndylarynyň çeşmeleriniň we hapalaýjy maddalaryň zyňyndylarynyň hereketlenýän çeşmeleriniň atmosfera howasyna goýberýän hapalaýjy maddalaryň zyňyndylarynyň kadadan bäş esse köp bolmagy;

3) atmosfera howasynyň goralyşyna önümçilik gözegçiliginiň bolmazlygy;

4) Rugsatnama almak bilen bagly işi amala aşyrýan ýüz tutujylar tarapyndan Ygtyýarly edaranyň atmosfera howasyna hapalaýjy maddalaryň kadadan artyk ýa-da rugsat almazdan goýbermezlik, şeýle hem ozon gatlagyny gorap saklamak baradaky kadalary berjaý etmek baradaky teklipnamalarynyň ýerine ýetirilmezligi.

22. Rugsatnamanyň hereketiniň togtadylmagyna getiren bozulmalar düzedilenden soň, ýüz tutujy onuň hereketini dikeltmek hakyndaky arzany Ygtyýarly edara berýär.

Ygtyýarly edara Rugsatnamanyň hereketini dikeltmek hakyndaky arzany alandan soň 10 (on) iş gününiň dowamynda onuň hereketiniň togtadylmagyna getiren bozulmalaryň ýüz tutujy tarapyndan düzedilişine barlag geçirýär we barlagyň netijeleriniň esasynda Rugsatnamanyň hereketini dikeltmek ýa-da dikeltmekden ýüz döndermek hakynda çözgüt kabul edýär we bu barada ýüz tutuja ýazmaça görnüşde habar berýär.

23. Rugsatnamanyň hereket ediş möhletini uzaltmak ýüz tutujynyň arzasy esasynda, muňa delillendirilen esas bolan mahalynda (hapalaýjy maddalaryň zyňyndylarynyň çeşmeleriniň we hapalaýjy maddalaryň zyňyndylarynyň hereketlenýän çeşmeleriniň üýtgedilip gurulmagy, täzeden gurulmagy, täze taslamalaryň durmuşa ornaşdyrylmagy) amala aşyrylýar, şonda Rugsatnamanyň möhleti 1 (bir) ýyldan köp bolmadyk möhlete uzaldylyp bilner.

24. Şu Tertibiň ýigrimi birinji böleginde görkezilen esaslar ýüze çykarylan mahalynda, Ygtyýarly edara Rugsatnamanyň hereketini togtatmak barada çözgüt kabul edýär we bu barada 3 (üç) iş gününiň dowamynda ýüz tutuja ýazmaça habar berýär. Şonda, Ygtyýarly edara Rugsatnamanyň hereketiniň togtadylmagyna getiren bozulmalary düzetmek üçin ýüz tutuja möhlet berýär. Görkezilen möhlet bir aýdan köp bolmaly däldir.

25. Eger ýüz tutujy Rugsatnamanyň hereketiniň togtadylmagyna getiren bozulmalary bellenen möhletde düzetmese, onda Ygtyýarly edara Rugsatnamanyň hereketiniň bes edilmegi hakynda çözgüt kabul edip biler.

26. Atmosfera howasyna hapalaýjy maddalaryň zyňyndylaryny hem-de oňa fiziki taýdan zyýanly täsir etmeleriň aňryçäk ýol berilýän derejelerine çenli azaltmak mümkin bolmadyk halatynda, käbir kärhanalaryň we edaralaryň degişli işi Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň karary boýunça wagtlaýyn togtadylyp ýa-da çäklendirilip bilner.

## IV bap. Jemleýji düzgünler

27. Şu Tertipde bellenen kadalaryň bozulmagy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen jogapkärçilige eltýär.

28. Şu Tertibiň kadalarynyň berjaý edilmegi bilen bagly ýüze çykýan jedeller Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde çözülýär.

29. Şu Tertip bilen kadalaşdyrylmadyk gatnaşyklar Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen düzgünleşdirilýär.

Atmosfera howasyna hapalaýjy
maddalaryň zyňyndylaryna
rugsatnamanyň berilmeginiň Tertibine
1-nji goşundy

**Atmosfera howasyna hapalaýjy maddalaryň zyňyndylaryna**
**RUGSATNAMA**

Berildi: ________________________________________________________
______________________________________________________________________
(fiziki şahs babatda – familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan senesi we ýeri, şahsyýetini tassyklaýan resminamasy (ady, belgisi, senesi, kim tarapyndan berlen), hemişelik ýaşaýan ýeriniň ýa-da köplenç ýaşaýan ýeriniň salgysy; ýuridik şahs babatda – doly ady, salgyt belgisi, döwlet tarapyndan bellige alyş belgisi, salgysy (ýerleşýän ýeri);
______________________________________________________________________

Möhleti: ___________________________________________________ çenli
Hasaba alyş belgisi _______________________________________________
Berlen wagty ____________________________________________________

Bellik: Rugsatnamanyň arka ýüzünde atmosfera howasyna goýberilmäge rugsat berlen hapalaýjy maddalaryň sanawy we mukdary kärhana boýunça tutuşlygyna görkezilendir. Her bir hapalaýjy çeşmeden atmosfera howasyna goýberilýän hapalaýjy maddalaryň sanawy Rugsatnamalary hasaba alyş kitabynda bellenendir we berlen Rugsatnamanyň esasy bölegi bolup durýar.

**Atmosfera howasyna goýberilmäge rugsat berlen hapalaýjy maddalaryň sanawy we mukdary**

| Hapalaýjy madda | Jemi goýberileni | | Hapalaýjy madda | Jemi goýberileni | |
|---|---|---|---|---|---|
| | g/sek | t/ýyl | | g/sek | t/ýyl |
| | | | | | |
| | | | | | |
| | | | | | |
| | | | | | |
| | | | | | |

Türkmenistanyň Döwlet Tugrasy şekillendirilen möhür bilen hakykydyr.

Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi
Şu Rugsatnama 20 -nji(y) ýylyň "_____" _________________ çenli hakykydyr.
Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrliginiň
ygtyýarly wezipeli adamy ________________________________________
(familiýasy, ady, atasynyň ady)

M.Ý.___________________

___________________
(goly)

Atmosfera howasyna hapalaýjy
maddalaryň zyňyndylaryna
rugsatnamanyň berilmeginiň Tertibine
2-nji goşundy

**Atmosfera howasyna hapalaýjy maddalaryň zyňyndylaryna rugsatnama almak üçin ARZA**

1. Arza beriji ______________________________________________

(fiziki şahs babatda – familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan senesi we ýeri, şahsyýetini tassyklaýan resminamasy (ady, belgisi, senesi, kim tarapyndan berlen), hemişelik ýaşaýan ýeriniň ýa-da köplenç ýaşaýan ýeriniň salgysy; ýuridik şahs babatda – doly ady, salgyt belgisi, döwlet tarapyndan bellige alyş belgisi, salgysy (ýerleşýän ýeri);

2. Arza berijiniň wekili ______________________________________

______________________________________________________________________________________________

______________________________

(familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan senesi we ýeri, şahsyýetini tassyklaýan resminamasy (ady, belgisi, senesi, kim tarapyndan berlen), hemişelik ýaşaýan ýeriniň ýa-da köplenç bolýan ýeriniň salgysy; bu şahsyň adyndan hereket etmäge ygtyýarlygyny tassyklaýan resminamasy (ady, belgisi, senesi).

**Aşakdaky sanawa laýyklykda atmosfera howasyna hapalaýjy maddalaryň zyňyndylaryna rugsatnamanyň berilmegini haýyş edýär:**

| Hapalaýjy madda | Jemi goýberileni | | Hapalaýjy madda | Jemi goýberileni | |
|---|---|---|---|---|---|
| | g/sek | t/ýyl | | g/sek | t/ýyl |
| | | | | | |
| | | | | | |

Arza berijiniň goly ________________

Atmosfera howasyna hapalaýjy
maddalaryň zyňyndylaryna
rugsatnamanyň berilmeginiň Tertibine
3-nji goşundy

**Atmosfera howasyna hapalaýjy maddalaryň zyňyndylaryna rugsatnamalary hasaba alyş Kitaby**

| T/b | Rugsatnamanyň berlen senesi | Rugsatnamany alan şahsyň doly ady | Rugsatnamany alan şahsyň salgysy | Rugsatnamanyň belgisi | Rugsatnamany bermek üçin esas | Rugsatnamanyň hereket ediş möhleti | Rugsatnamany alan şahsyň goly |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |

Atmosfera howasyna hapalaýjy
maddalaryň zyňyndylaryna
rugsatnamanyň berilmeginiň Tertibine
4-nji goşundy

**Atmosfera howasyna hapalaýjy maddalaryň zyňyndylaryna rugsatnamany bermekden ýüz döndermek baradaky çözgütleri hasaba alyş**
**Kitaby**

| T/b | Rugsatnamany bermekden ýüz döndermek baradaky çözgüdiň berlen senesi | Rugsatnamany bermekden ýüz döndermek baradaky çözgüdi alan şahsyň doly ady | Rugsatnamany bermekden ýüz döndermek baradaky çözgüdi alan şahsyň salgysy | Rugsatnamany bermekden ýüz döndermek baradaky çözgüdiň belgisi | Rugsatnamany bermekden ýüz döndermek baradaky çözgüdiň esasy | Rugsatnamany bermekden ýüz döndermek baradaky çözgüdi alan şahsyň goly |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
| | | | | | | |
| | | | | | | |
| | | | | | | |

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2024-nji ýylyň 18-nji dekabrynda 1838 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan.